Türkmenistanyň Statistika
baradaky döwlet komitetiniň
2019-njy ýylyň 9-njy oktýabryndaky
№93 buýrugy bilen tassyklanyldy

**№ 1 - kärende «Kärendeçileriň işleri barada hasabat» (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça GOLLANMA**

№ 1-kärende **«Kärendeçileriň işleri barada hasabat»** döwlet statistik hasabat formasy daýhan birleşikleri, Türkmenistanyň "Daýhanbank" döwlet täjirçilik banky, eýeçiligiň görnüşine garamazdan oba hojalygy bilen meşgullanýan we oba hojalyk önümlerini öndürýän beýleki kärhanalar (işlerinde kärende gatnaşyklaryny ulanýan) tarapyndan ýylda bir sapar doldurylýar we etrap (şäher) statistika bölümlerine berilýär. Bu hasabat daýhan birleşikleriň, edaralaryň, kärhanalaryň oba hojalygy bilen meşgullanýan kömekçi hojalyklaryň we kärendeçileriň arasynda ýerleri, mallary we guşlary kärendesine bermek hakyndaky şertnamanyň esasynda hem-de kärendeçileriň berýän maglumatlaryna laýyklykda doldurylýar.

Birinji bölümiň 01-nji setiriniň 1-nji sütüninde ýylyň başyndan – şertnama boýunça kärendesine berlen ekin meýdanynyň umumy möçberi, şol setiriň 2-nji sütüninde bolsa ýylyň başyndan bäri hakyky ekin meýdany ösýän jem bilen kärendeçileriň maglumatlary esasynda kesgitlenýär.

Birinji bölümiň 3-nji **«Öndürilen önümiň mukdary»** diýen sütüninde kärendeçileriň alan ähli önümleriniň möçberi görkezilýär. Şertnamada göz öňünde tutulan we ondan ýokary öndürilen önümleriň mukdary degişlilikde kärendeçilerden tutuşlaýyn sorag geçirmek arkaly ýa-da kärendeçileriň berýän maglumatlaryna görä kesgitlenýär.

4-nji hemmesi diýlen sütünde ýerleşdirilen önümleriň umumy mukdary baglaşylan şertnama laýyklykda kärendeçileriň hasabaty boýunça kesgitlenýär. Şeýle hem 5-nji sütünde daýhan birleşiklerine we kömekçi hojalyklaryna ýerleşdirileni, 6-njy sütünde gaýry peýdalanyjylara ýerleşdirileni görkezilýär.

Ikinji bölümiň 1-nji sütüninde **«Ýylyň başyna mallaryň we guşlaryň sany»** görkezilýär.

2-nji sütünde – **«Hasabat ýylynda kärendesine goşmaça berleni»** mallaryň we guşlaryň baş sany barada namalardan alynýar.

3-nji sütünde – **«Diri doglan (alnan) ýaş mallar we guşlar»** we 4-nji sütünde **«Gaýry ýerlerden geleni we satyn alnany»**, degişlilikde hasabat döwründe diri doglan we gaýry ýerlerden getirilen ýaş mallar we guşlar görkezilýär.

5-nji sütünde – **«Haram ölen (hemme ýaşdakylary)»** - hemme ýaşdaky haram ölen mallaryň we guşlaryň baş sany görkezilýär.

6-njy sütünde – **«Daýhan birleşigine we kömekçi hojalygyna gaýtarylyp berleni»** hasabat döwrüniň dowamynda şertnamanyň möhletiniň dolmagy we beýleki şertlere laýyklykda daýhan birleşigine we kömekçi hojalygyna gaýtarylyp berlen mallaryň we guşlaryň baş sany görkezilýär.

7-nji sütünde – **«Soýup, ýerleşdirmek üçin niýetlenen»** diňe soýmaga niýetlenip goýlan mallaryň we guşlaryň baş sany görkezilýär.

8-nji sütünde – **«Kärendeçilere haryt görnüşinde zähmet hakynyň hasabyna berleni»** şertnama laýyklykda kärendeçilere zähmet hakynyň hasabyna berlen mallaryň we guşlaryň baş sany görkezilýär we daýhan birleşikleriň balansyndan öçürilýär.

9-njy sütünde **«Gaýry ýerlere çykarylany we satylany»** mallaryň we guşlaryň baş sany görkezilýär.

10-njy sütünde **«Kärendeçilerde hasabat döwrüniň ahyryna galan mallaryň we guşlaryň sany»** görkezilýär.

Üçünji bölümde – **«Kärendeçileriň maldarçylyk önümlerini öndürilişi we**

**ýerleşdirilişi»** 01-07-nji setirlerde hemme öndürilen we ýerleşdirilen önümler hasabat döwründe artýan jem bilen görkezilýär.

Dördünji bölümde – **«Kärendeçileriň ekerançylyk we maldarçylyk önümleriniň görnüşleri boýunça öndüren önüminiň gymmaty, çykarylan maddy harajatlary hem-de girdejileri»** 3, 4, 5-nji sütünlerde jem oturdan soň (0,00) iki belgili sany ýazmak bilen görkezilýär.

Bäşinji bölümde – **«Kärendeçileriň zähmet hakynyň hasabyna haryt görnüşinde berlen ekerançylyk we maldarçylyk önümleri, mallaryň we guşlaryň baş sany»** 03−12-nji setirlerde ekerançylyk önümleriniň gönüşleri boýunça, 14-18-nji setirlerde mallaryň we guşlaryň baş sany, 20−25-nji setirlerde bolsa maldarçylyk önümleriniň gönüşleri boýunça kärendeçilere zähmet hakynyň hasabyna haryt görnüşinde berleniniň mukdary 1-nji sütüninde, 2-nji sütüninde bolsa onuň gymmaty görkezilýär.

**Oba hojalygynyň statistikasy
we seljerişi müdirligi**